# Meşhur ýazyjylaryň durmuşyndan: Tolkien

Category: Kitapcy,Sözler,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
Meşhur ýazyjylaryň durmuşyndan: Tolkien **JON RONALD REUEL TOLKIEN**
(03.01.1892-02.09.1973)

J.R.R.Tolkien diňe hobbitleriň obrazyny döretmek bilen oňmady. Ol özüniňem hobbitdigine tüýs ýüregi bilen ynanypdyr. «Men – daşky keşbimi hasaba almasam, özümiň hobbitdigime ynanýan. Bag-bakjalary, agaçlary we traktor bilen sürülmedik ekin meýdanlaryny gowy görýärin. Müşdükli çilim çekmegi, gowy we doňdurylmadyk iýmitleri gowy görýärin, ýöne fransuz naharlaryny halamok. Şu manysyz döwürde per bilen bezelen eşikleri geýmegi gowy görýärin. Meýdandan toplanan kömelegi diýseň halaýaryn. Meni gowy görýän tankytçylarymyň-da bizar-peteňini çykaryp biljek heneklerim bar. Giç ýatýaryn, mümkingadar giç turýaryn. Kän syýahat edemok».
Tolkieniň «Ýüzükleriň hökümdary» trilogiýasy häzirki wagta çenli ähli döwürleriň iň köp satyn alynan kitaplaryň hataryna girdi.
Gelejekki ýazyja ejesi kiçiliginden latyn, fransuz, nemes dillerini öwretdi. Munuň daşyndan ol öz islegi bilen grek, köne iňlis, köne norweg, got, fin, ispan, italýan, häzirki zaman we orta asyr gal dillerini öwrendi. Şeýle-de onuň rus, şwed, dan, norweg, flemenk dillerini bilişi-de hiç neneň däl eken. Jemi alanyňda on dört dil bilýän ýazyjy öz oýlap tapan elipbiýinde gündelik ýöredipdir. Onuň döreden elipbiýi mifologiýanyň ýoluny açypdyr we ahyrynda hyýaly Orta Dünýäni döredipdir.
«Hobbit» Germaniýada 1945-nji ýyla çenli gadagan edildi, munuň sebäbi bolsa Tolkieniň nemes faşistlerine ýag çekmäge isleg bildirmänligidi. Nemes neşirçileri 1937-nji ýylda bu eseriň

nemes diline terjime edilen nusgasyny çap etmäge hyýallanýarlar. Ýokary wezipeli döwlet işgärleriniñ biri onuñ ariýa jynsyna degişlimi-dälmi anyklamak üçin Tolkiene soragideg edýär.
– Çakym çak bolsa, menden ýewreýdigimi ýa däldigimi soramakçy bolýañyz öýdýän – diýip, ýazyjy olara nägileligini bildirýär.
– Juda gynanyp aýdýaryn, ata-babalarymyñ birisi-de şolar ýaly artykmaç zehinli adamlaryñ arasynda bolmandyr.
Bu kinaýaly sözler Tolkieniñ adynyñ faşistleriñ gara sanawyna girmegine sebäp bolupdyr.
Ömrüniñ ilkinji kyrk ýylyny dil öwrenmäge bagyş eden Oksforf uniwersitetiniñ egni tüýli penjekli, erni müşdükli, professory Tolkien awtoulaglary halamandyr. Ol ikinji jahan urşunyñ başlarynda-da awtoulaga münmekden bütinleý ýüz öwrüpdir. Beýtmegi onuñ goñşularyna peýda beripdir. Sebäbi garşysyndaky sürüjileri bardyram öýtmeýän, iñ soñky derejede perwaýsyz sürüji bolan Tolkien Oksfordyñ şaýolynda başga awtoulaglara zol-zol kakyp, uly ile hossa bolýan eken. «Üstlerine bir gaýtsañ edil ýöne gyzyletene guşlar ýaly dyr-pytrak bolarlar» diýen sözü-de, onuñ näderejede seresapsyz sürüjidigine güwä geçýär.
Filologiýa ylmynyñ ussady Tolkien dil boýunça gürrüñ gozgalanda özboluşly pikirleri orta atypdyr. Ol amerilan iñlisçesi barada şeýle diýipdir: “Iñlis diliniñ kirli gubkalardan doldurylan görnüşi». Barypýatan husytlygy bilen ýaka tutduran Tolkien poçta markasyna, sakgalpäkisine harçlan pullarynyñam teññeme-teññe hasabyny ýöredipdir. Hususanam salgyt meselesinde husytlygyñ gözüni çykarypdyr. Britan hökümeti täze supersonik radioaktiw uçarlary maliýeleşdirmek üçin jemgyýetçilik fondundan peýdalanmak baradaky maksatnamasyny mälim edende, Tolkieniñ sabyr käsesi dolup, ýetjek derejesine ýetýär. Ol salgyt tölemekden geçen, gaýtam şu sözleri sugşuryp galýar: «Konkorda» menden ýeke penni* ýok!»

---

* Penni – iñlis pul birligi.

Robert ŞNAKENBERG.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly